**Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň 2023-nji ýylyň 21-nji noýabryndaky №96-Ö buýrugy bilen tassyklanyldy**

**№1-ýangyn "Ýangynlar barada hasabat" (ýyllyk) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**

# GOLLANMA

Bu gollanma Türkmenistanyň çäginde bolup geçen ýangynlaryň "Ýangyn howpsuzlygy hakynda" Türkmenistanyň kanunynyň esasynda ýangynlaryň hasabatyny ýyllyk hasabaty düzmek üçin niýetlenilýär.

№1-ýangyn "Ýangyn barada hasabat" döwlet statistik hasabatlylyk formasy boýunça hasabat eýeçilik görnüşine garamazdan şolarda ýangyn ýüze çykan kärhanalar, edaralar we guramalar tarapyndan hasabaty düzmek boýunça gollanmanyň esasynda düzülýär.

Ýangynlar, şeýle hem, ýangynlardan heläk bolanlar, çekilen maddy zyýanlar, baradaky maglumatlaryň dolulygyna, dogrulygyna, takyklygyna, bellenen möhletlerde we wagtlarda degişli ýerlere hasabat berilmegi üçin edara-kärhanalaryň we guramalaryň ýolbaşçylary jogap berýär.

Kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň ýolbaşçylary ýerleşýän ýerindäki statistika edarasyna öz çäginde bolup geçen ýangynlar barada Türkmenistanyň kanunlary bilen bellenilen jogapkärçilige çekilýär. 1-ýangyn forma boýunça hasabaty ýuridiki taraplar binany kärendesine alan bolsalar tabşyrmaýarlar.

Bu hasabatlylygy 10-njy ýanwara çenli ýerleşýän ýerindäki satistika edarasyna we özünden ýokarda duryan edarasyna iberilýär.

01-nji setirde "Ýangynlaryň sany" Türkmenistanyň çägindäki eýeçiliginiň görnüşine garamazdan kärhanalarda, guramalarda we edaralarda ýüze çykan ýangynlaryň sany görkezilýär.

02-nji setirde "Çykdajylar (ýetirilen zyýanlar)" ýangynlardan ýetýän ýitgi diýip, diňe ýangyn sebäpli oduň - suwuň täsirinden, emläkleriň ýangynda ýanyp-küle öwrülmegi, ýokary derejeli gyzgynlyk sebäpli eräp, zaýa bolmagy, ýangyn wagty bölünip çykýan zäherli jisimleriň täsirinde öz hilini ýitirmegi netijesinde eýeçiligiň görnüşine garamazdan guramalaryň, edara–kärhanalaryň, raýatlaryň binalaryna, desgalaryna maddy-tehniki eýeçiligine ýetirilen zyýanlaryň pul ölçegi ýangynlardan ýetirilen gönüden–göni ýitgi diýilip hasap edilýär.

Ýangynyň ýetiren zyýany onuň doly we haýsydyr bir böleginiň tölenýänligine ýa-da tölenmeýänligine garamazdan doly hasaba alynýar.

Ýangynyň ýetirýän zyýany kesgitlenende ýangyny söndürmek üçin edilen çykdajy, ýangyn sebäpli önümçiligiň wagtlaýyn saklanmagy sebäpli çekilen zyýan, söwdanyň wagtlaýyn saklanylmagy sebäpli çekilen çykdajy, ulag serişdeleriniň iş tertibiniň bozulmagy sebäpli amatlylyklaryň ýitirilmegi bilen baglanşykly çykdajylar ýangynyň ýetiren maddy zyýany hasaplanylmaýar.

Ýangyndan ýeten maddy ýitginiň öwezi dolunanda, ätiýaçlandyryş guramalarynyň ýüz tutmagynyň esasynda Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Döwlet ýangyn howpsuzlyk gullugy tarapyndan jenaýat işini gozgamakdan ýüz dönderlendigi hakynda kararynyň asyl nusgasyndan göçürmesini berýärler.

Düýpli maýa goýumlarynyň we beýleki zatlaryň ýangyn sebäpli ýok bolmagy ýa-da bölekleýin zaýalanmagy bilen baglanşykly maddy zyýan bu emläkleriň hasapda duran bahasy hem-de ol emläkleriň ýyllar boýunça ulanylmagy bilen baglanşykly bahalaryň bellenen möçberde kemeldilmegi, şeýle hem, mundan beýläk ulanyp boljak emläkleriň bahasyny umumy bahadan aýyrylmagy bilen kesgitlenilýär.

Egerde edara–kärhanalar tarapyndan esasy maýanyň ulanylmagy bilen baglanşykly bahadan kemeldilmek işi ýöredilmeýän bolsa, onda ýangynyň ýetiren zyýany emlägiň galyndysynyň bahasynyň hem-de ulanylyp boljak böleginiň bahasynyň jeminiň esasynda kesgitlenilýär.

Esasy maýanyň hem-de emlägiň hasapda duran bahasy, öndürmek üçin edilen harçlaryň özüne düşýän bahasy, bahalar, tebigy kemelmeginiň möçberi, söwda-da arzanlatmalar, goşmaça çykdajylar we ýangynlaryň maddy zyýanlary kesgitlenilende ulanylýan beýleki görkezijiler, ýangyn dörän wagty ulanylýan bahalaryň esasynda alynýar.

Edara – kärhanalaryň esasy maýa goýumlary we emläkleri, şeýle hem, binalardyr beýleki gurluşyk ulgamlary, raýatlaryň emläkleri boýunça ätiýaçlandyryş göz öňünde tutmasy baglanyşylan bolsa, ýangynlardan ýetirilen zyýanlaryň umumy möçberi ätiýaçlandyryş göz öňünde tutmasyny baglaşyjy guramalar tarapyndan berilen güwanamalaryň esasynda kesgitlenilýär.

Ätiýaçlandyryş göz öňünde tutmasy bolmadyk ýagdaýynda, ýangynlardan raýatlaryň emläklerine ýeten maddy zyýanlary ýangyn bolan ýerini gözden geçiren we ýangyn baradaky delilnamany doldyran iş toparyna gatnaşyjylar tarapyndan şu kadanyň talaplaryna laýyklykda kesgitleýär.

Türkmenistanyň çäginde daşary ýurtlara, firmalara we olaryň raýatlaryna degişli edara–kärhanalarynda, eýeçiliklerinde bolan ýangynlardan ýeten maddy zyýan kesgitlenilende bu eýeçilikden diňe, Türkmenistana degişli maddy zyýanyň mukdary (möçberi) şu kadanyň talaplaryna laýyklykda hasaba alynýar.

Egerde önümler, çig mallar, harytlar, ýangyçlar we beýleki gymmaty bolan harytlar ýangyn sebäpli ýok edilen halatlarynda:

- öndürilýän döwri - öndürilýän önümiň ýangynyň dörän wagtyna çenli sarp edilen çig malyň we işi ýerine ýetirijiniň hyzmatynyň bahasy bilen;
- ammarlarda saklanylýan harytlary–satuw goşundysy, goşmaça çykdajylar, tebigy ýitgiler sebäpli üýtgemek mukdaryny (möçberini) göz öňünde tutup, hasapda duran bahasy (lomaý ýa-da satuw bahasy) bilen;
- bölek satuw söwdada tebigi ýitgiler sebäpli mukdarynyň (möçberiniň) üýtgemegini hasaba alyp, hakyky bahasy döwlet giňişleýin satuw bahasyndan ýokary bolmadyk baha bilen;
- taýýarlanan we satyn alynan oba hojalyk önümleri we oba hojalyk çig maly boýunça hakyky gymmatlyklardan ugur alyp, olary daşamak üçin çykdajyny hasaba almak bilen;
- öz öndüren oba hojalyk we beýleki önümleriň önümçiliginde–hakyky bahasy bilen kesgitlenilýär;
- kärhananalaryň, edaralaryň, guramalaryň we raýatlaryň zyýan ýeten, mundan beýläk ulanmaga ýaramly haryt - maddy gymmatlyklary we beýleki emläkleri olaryň, ýangyn sebäpli arzanlan bahasy boýunça;
- gaz we nebit çüwdürimleriniň ýanmagy bilen gazyp-alyş gurallarydyr– enjamlaryna hem-de beýleki emläklere ýetirilen zyýanlar şu kadanyň talaplaryna laýyklykda kesgitlenilýär;
- gaz we nebit çüwdürimleriniň ýanmagy sebäpli ýitirilen ýitgi maddy ýitgi hökümünde hasaba alynmaýar.

Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti we onuň ýerlerdäki guramalary ýangynlardan çekilen maddy ýitgini ýangynlaryň bolan ýerlerinde edara–kärhanalaryň, guramalaryň, ätiýaçlyk guramalarynyň bu barada beren güwanamalarynyň esasynda hasaba alýar. Bu güwanamalarda ýangyndan ýeten zyýanyň umumy möçberi, şol sanda binalara, gurallardyr–enjamlara, emläklere ýeten zyýanyň möçberleri aýratynlykda görkezilmelidir.

Güwanamalaryň dogrylygyna bu güwanamalara gol çeken jogapkär ýolbaşçylar Türkmenistanyň kanunlary bilen bellenilen jogapkärçilige çekilýär.

03-04-nji “Adam heläkçiligi” we “Tenine şikes ýetenler” setirlerde ýangyn sebäpli adam heläkçiligini we ýangyn wagtynda jebir çekilenligi saglygy goraýyş edaralary tarapyndan berilen guwanama esasynda kesgitlenilip, hasaba alynýar. Güwanamada adamynyň heläk bolmagynyň ýa-da adamynyň bedenine şikes ýetmeginiň ähli sebäpleri takyk görkezilmelidir.

Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň 2010-njy ýylyň 2-nji awgustynda 123-nji belgili buýrugy bilen tassyklanan “Türkmenistanda ýangynlary hasaba almagyň tertibine” laýyklykda

ýangyn wagty ýangynyň bolan ýerinde oduň we ondan bölünip çykýan zäherli jisimleriň täsiri sebäpli şol wagt ýa-da ýangyndan soň ýedi gije-gündiziň dowamynda aradan çykanlar ýangyndan heläk bolan hasaplanýar.

Ýangyn wagty otdan we ondan bölünip çykýan zäherli maddalaryň täsiri astynda bir günden az bolmadyk wagtlaýyn saglyk ýagdaýynyň pese gaçmagy bilen işe ýaramazlygy ýa-da ilkinji lukman kömegi berilmegi, wagtlaýyn bejergi geçmäge mejbur edilmegi ýangyndan tenine şikes ýeten diýilip hasaba alynýar.

Eger-de adam özüni otlamak bilen öz janyna kast etmegi ýa-da kast etmäge synanşyk etmegi netijesinde adamyň heläk bolmagy ýa-da tenine şikes ýetmegi, ýyladyş peçlerinde ýakylýan ýangyçlaryň bölüp çykarýan zäherli gazyndan heläk bolan ýa-da zäherlenmek sebäpli saglygynyň pese gaçmagy (egerde ot ýangyç ýakylýan ýerden, ojakdan ody daşyna ýaýramadyk bolsa) onda bu ýagdaýda adam ýangyn sebäpli heläkçilik çekdi diýilip hasap edilmeýär.

Eger-de:

a) açyk oduň ýa-da ýylylyk şöhlesiniň täsiri astynda adam tenine şikes ýetse;

b) adam bedeni ýangyn wagty ýanýan zatlardan bölünip çykýan zäherli maddalar bilen zäherlense;

ç) ýangynyň bolýan ýerinde ýangynyň başlan wagtyndan onuň doly söndürilip bolýança binalaryň, desgalaryň, gurluşyk diwarlarynyň, gurallaryň - enjamlaryň ýykylmagy sebäpli, ýokardan ýykylmagy, elektrik togy urmagy we ş.m. sebäpli adam tenine, bedenine şikes ýetse onda beýle ýagdaýlary ýangyn sebäpli adam tenine we bedenine şikes ýetdi diýilip hasaba alynýar.

**Maglumat üçin**: ýangynda ýanan zatlaryň ady we sany görkezilýär.

**Durmuş statistikasy müdirligi**